# Türkmenistan

## Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlag 2015-2016

## Esasy netijeler

*2016-njy ýylyň awgusty*

# MAZMUNY


TÜRKMENISTANDA KÖP GÖRKEZIJILER BOÝUNÇA KLASTERLEÝIN BARLAG (MICS), 2015-2016Ý. - SYN .................. 4
IÝMIT ........................................................................................................................ 5
ÇAGALARYŇ SAGLYGY ........................................................................................................ 9
SUW ÜPJÜNÇILIGI WE ARASSAÇYLYK ......................................................................................... 12
PEPRODUKTIW SAGLYK ........................................................................................................ 13
ÇAGALARYŇ ÖSÜŞI ............................................................................................................ 15
SOWATLYLYK WE BILIM ....................................................................................................... 16
ÇAGALARY GORAMAK ........................................................................................................ 18
AIW/SPID ........................................................................................................................ 20
KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ WE MAGLUMAT/KOMMUNIKASIÝA SERIŞDELERI TEHNOLOGIÝASYNYŇ ELÝETERLILIGI ................................................................................................................ 21

Türkmenistanda Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlag (MICS) MICS-iň global maksatnamasynyň çäklerinde we BMG-niň Çagalar gaznasynyň (UNICEF) tehniki taýdan hemaýatkärliginde 2015-2016-njy ýyllarda Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti tarapyndan geçirildi. Barlagy maliýeleşdirmeklik Türkmenistanyň Hökümeti we UNICEF tarapyndan hem-de goşmaça maliýe hemaýatkärligi BMG-niň Ilat gaznasy (UNFPA) tarapyndan amala aşyryldy.

MICS-iň global maksatnamasy öý hojalyklaryna gözegçilik etmegiň halkara maksatnamasy hökmünde çagalaryň we aýallaryň ýagdaýy boýunça halkara derejesinde deňeşdirilýän maglumatlaryň görkezijilerini giňişleýin ýygnamak maksady bilen 1990-njy ýylda UNICEF tarapyndan işlenip taýýarlanyldy. MICS-iň barlagy ýurtlara syýasatda we maksatnamalarda peýdalanmak üçin maglumatlary işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýän möhüm görkezijileriň ölçegini we Müňýyllygyň ösüş maksatlarynyň (MÖM) gazananlarynyň hereketine gözegçilik etmek üçin hem-de halkara derejesinde ylalaşylan beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda milli derejede geçirilen MICS Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmenistany syýasy, ykdysady we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli Baş ugry» Milli maksatnamasy (2003ý.), «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy» (2010ý.), «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy» (2007ý.), «Saglyk» döwlet maksatnamasy (1995-nji ýyldan bäri ornaşdyrylýar), «2003-2020-nji ýyllar üçin Immuno öňüni alyş» Milli maksatnamasy, «Türkmenistanda ene süýdi bilen emdirmekligi goramak we ony goldamak» Milli maksatnamasy (1998ý.), «Ganazlygyň öňüni almak we oňa garşy göreşmek boýunça maksatnama» (1998ý.), «Duzy ähliumumy ýodlaşdyrmak we uny demir bilen baýlaşdyrmak maksatnamasy» (1996ý.), «Uny demir we foliý turşusy bilen baýlaşdyrmak maksatnamasy» (2006ý.), «Çagalaryň kesellerini bütewi alyp barmak» (2001ý.), «Türkmenistanda perinatal kömegini gowulandyrmak boýunça 2014-2018-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Çaganyň irki ösüşi we ony mekdebe taýýarlamagyň 2011-2015-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2013-2017-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasy», «2011-2015-nji ýyllarda reproduktiw saglygy goramak boýunça Milli strategiýasy», «Howpsuz enelik» Milli maksatnamasy (2006ý.), «Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň diri we öli dogulmagyň kriteriýalaryny girizilmek» (2007ý.), «Bäbeklere ilkinji reanimasiýa kömegini bermek we olara geçirilmeli ideg» (2006ý.), «2012-2016-njy ýyllarda adamyň immuno ýetmezçilik wirusy sebäpli döreýän keseliň (AIW ýokuşmasy) öňüni almak hakynda Türkmenistanyň Milli maksatnamasy», «Türkmenistanda eneleriň, bäbekleriň, çagalaryň we ýetginjekleriň saglygyny goramak boýunça 2015-2019-njy ýyllar üçin Milli strategiýasy we iş meýilnamasy», «Türkmenistanyň Saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmegiň 2012-2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanyň ilatly ýerlerini arassa agyz suwy bilen üpjün etmek boýunça Baş maksatnamasy» we beýl. ýaly ýörite döwlet maksatnamalarynyň käbir görkezijileriniň ýerine ýetirilişine monitoring geçirmäge mümkinçilik berýär.

Bu hasabatyň wezipesi – Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen MICS dürli demografik, sosial, ykdysady we medeni häsiýetnamalary boýunça ähli netijeleri barada jikme-jik maglumatlary özünde jemleýän doly tablisalar we barlag boýunça gutarnykly hasabat taýýar bolýança barlagyň netijelerini öz wagtynda ýaýratmaga we peýdalanmaga ýardam eder. Gutarnykly hasabat 2016-njy ýylyň ahyryna taýýar bolar.

Häzirki hasabatda berlen netijeleri üýtgetmeklik meýilleşdirilmeýär. Çaga ölümçiligi we çagalary terbiýelemek boýunça maglumatlar soňra jikme-jik seljerme geçirilmäge garaşylýanlygy üçin häzirki hasabatda berilmedi. Doly geçirilen jemleýji hasabatdaky görkezijiler we seljermeler hakynda goşmaça maglumatlary mics.unicef.org we data.unicef.org. salgy boýunça tapmak mümkin.

---

Teklip berilýän bibliografik salgylanmalaryň görnüşi:
Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we UNICEF. 2016. *Türkmenistanda 2015-2016-njy ýyllarda geçirilen Köp görkezijiler boýunça klasterleýin barlagyň jemi boýunça möhüm görkezijiler*. Aşgabat ş., Türkmenistan. Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komiteti we UNICEF.

# TÜRKMENISTANDA KÖP GÖRKEZIJILER BOÝUNÇA KLASTERLEÝIN BARLAG (MICS), 2015-2016Ý. - SYN

## Barlagy geçirmek

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Saýlap almagyň çägi** | Ilatyň we ýaşaýyş jaý gorunyň 2012-nji ýyldaky uçdantutma ýazuwy | **Sowalnamalar** | Öý hojalygy<br>Zenanlar üçin (15-49 ýaş)<br>5 ýaşa çenli çagalar barada<br>Saglygy goraýyş edaralarynda immunizasiýalar barada maglu-mat almak boýunça sowalmana |
| - Möhümleşdirilen | 2015–nji ýylyň iýun – iýuly | | |
| **Interwýuýerler i okatmak** | 2015–nji ýylyň awgust – sentýabry | **Ýerlerde işlemek** | 2015-nji ýylyň sentýabry – 2016-njy ýylyň ýanwary |
| **Barlagy saýlap almak** | | | |
| Öý hojalygy | | 5 ýaşa çenli çagalar | |
| - Saýlanyp alnan | 6 101 | - Ölçege laýyk gelýänler | 3 785 |
| - Ýerleşdirilen | 5 974 | - Soraşma geçirilen eneler/çaga gözegçilik edýän adamlar | 3 765 |
| - Soraşma geçirilenler | 5 861 | | |
| - Jogaplaryň koeffisiýenti (göterimde) | 98,1 | - Jogaplaryň koeffisiýenti (göterimde) | 99,5 |
| Aýal-gyzlar | | | |
| - Soraşma geçirmek üçin ölçege laýyk gelýänler | 7 693 | | |
| - Soraşma geçirilenler | 7 618 | | |
| - Jogaplaryň koeffisiýenti (göterimde) | 99,0 | | |

## Barlag geçirilýän ilat

| | | | |
|---|---|---|---|
| Öý hojalygynyň ortaça ululygy, adam | 5,1 | **Aşakda görkezilen ýerlerde ýaşaýan ilatyň göterimdäki paýy** | |
| Aşakda görkezilen ýaşa çenli ilatyň göterim paýy: | | - Şäher ilatly ýerleri | 39,1 |
| - 5 ýaş | 13,3 | - Oba ilatly ýerleri | 60,9 |
| - 18 ýaş | 36,4 | - Aşgabat şäheri | 12,1 |
| | | - Ahal welaýaty | 13,3 |
| Soňky 2 ýylyň içinde azyndan bir sany diri çaga dogran 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 19,4 | - Balkan welaýaty | 6,7 |
| | | - Daşoguz welaýaty | 23,6 |
| | | - Lebap welaýaty | 19,4 |
| | | - Mary welaýaty | 24,8 |

## Ýaşaýyş jaýynyň häsiýetnamasy

**Aşakda görkezilen zatlary bar bolan öý hojalyklarynyň göterim paýy**

| | |
|---|---|
| - elektrik togy | 100,0 |
| - poly bejerilen | 97,1 |
| - üçegi bejerilen | 99,0 |
| - diwarlarynyň ýüzi bejerilen | 99,8 |
| Ýatylýan otag hökmünde ulanylýan, bir otaga düşýän adamlaryň ortaça sany | 1,96 |

## Öý hojalygynyň ýa-da agzalarynyň goşlary

**Aşakda görkezilen zatlary bar bolan öý hojalyklarynyň göterim paýy**

| | |
|---|---|
| - telewizoryň islendik görnüşi | 99,7 |
| - sowadyjy | 99,4 |
| - oba hojalyk mallary | 55,3 |
| - oba hojalyk ekinleri üçin ýer | 59,7 |

**Aşakda görkezilen zatlaryň azyndan bir agzasynda bar bolan öý hojalyklarynyň göterimdäki paýy:**

| | |
|---|---|
| - ykjam telefon | 98,6 |
| - ýeňil awtoulag | 54,5 |

# IÝMIT

## Iýmitiň ýagdaýy[1]

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 2.1a<br>2.1b | **MÖM 1.8** | Agramyň giňden ýaýran kemterligi<br>(a) aram we güýçli derejesi<br>(b) güýçli derejesi | Ýaşyna görä agramynyň görkezijisi BSGG-niň standarty boýunça bellenen ýaşdaky çagalar üçin mediana görkezijisinden pes bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy:<br>(a) iki standartdan çykma (kadadan çykmagyň aram we güýçli derejesi)<br>(b) üç standartdan çykma (kadadan çykmagyň güýçli derejesi) | <br><br><br><br>3,2<br><br>0,7 |
| 2.2a<br>2.2b | | Boýuň giňden ýaýran kemterligi<br>(a) aram we güýçli derejesi<br>(b) güýçli derejesi | Ýaşyna görä boýynyň görkezijisi BSGG-niň standarty boýunça bellenen ýaşdaky çagalar üçin mediana görkezijisinden pes bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy:<br>(a) iki standartdan çykma (kadadan çykmagyň aram we güýçli derejesi)<br>(b) üç standartdan çykma (kadadan çykmagyň güýçli derejesi) | <br><br><br><br>11,5<br><br>2,7 |
| 2.3a<br>2.3b | | Giňden ýaýran horlanmak<br>(a) aram we güýçli derejesi<br>(b) güýçli derejesi | Boýyna görä agramynyň görkezijisi BSGG-niň standarty boýunça bellenen ýaşdaky çagalar üçin mediana görkezijisinden pes bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy:<br>(a) iki standartdan çykma (kadadan çykmagyň aram we güýçli derejesi)<br>(b) üç standartdan çykma (kadadan çykmagyň güýçli derejesi) | <br><br><br><br>4,2<br><br>1,1 |
| 2.4 | | Giňden ýaýran artykmaç agram | Boýyna görä agramynyň görkezijisi BSGG-niň standarty boýunça bellenen ýaşdaky çagalar üçin mediana görkezijisinden ýokary bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 5,9 |

[1] 5 ýaşa çenli çagalaryň agramyny çekmek we boýuny/bedeniniň uzynlygyny ölçemek çagalaryň 98,8 we 98,7 göteriminde degişlilikde üstünlikli geçirildi.

## 1 grafik: Agramy, boýy ýeterlik bolmadyk, horlanan we agramy artyk bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň bölünişi (kadadan ujypsyz we güýçli gyşarmagyň derejesi), Türkmenistan, 2015-2016



# Ene süýdi bilen emdirmek we bäbekleri iýmitlendirmek

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 2.5 | Haçandyr-bir wagt göwüsden emdirilen çagalar | Soňky iki ýylyň içinde diri çaga dogran we soňky diri çagasyny islendik wagt göwsi bilen emdiren aýallaryň göterim paýy | 98,5 |
| 2.6 | Irki wagtda göwüs bilen emdirmek | Soňky iki ýylyň içinde diri çaga dogran we soňky diri dogran çagasyny bir sagadyň dowamynda göwsünden emdiren aýallaryň göterim paýy | 73,4 |
| 2.7 | 6 aýa çenli diňe göwüs bilen emdirmek | 6 aýa çenli diňe göwüs bilen emdirilen bäbekleriň göterim paýy[2] | 58,9 |
| 2.8 | 6 aýa çenli göwüs bilen emdirmekligiň artykmaçlygy | Düýnki günüň dowamynda iýmitlenmegiň artykmaçlyk görnüşi[3] hökmüne göwüs süýdi bilen emdirilen 6 aýa çenli çagalaryň göterim paýy | 81,4 |
| 2.9 | 1 ýaşynda göwüs bilen emdirmeklik dowam etdirilýär | Düýnki günüň dowamynda göwüs süýdüni emen 12-15 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 64,1 |
| 2.10 | 2 ýaşynda göwüs bilen emdirmeklik dowam etdirilýär | Düýnki günüň dowamynda göwüs süýdüni emen 20-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 19,5 |
| 2.11 | Göwüs bilen emdirmekligiň mediana dowamlylygy | 0-35 aýlyk çagalaryň 50%-i düýnki günüň dowamynda göwüs süýdüni emmedi, ýaşy aýlarda | 16,1 |
| 2.12 | Ýaşyna laýyklykda göwüs bilen emdirmeklik | Düýnki günüň dowamynda talaba laýyk iýmitlenen 0-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy[4] | 56,9 |
| 2.13 | Gaty, ýarym gaty ýa-da ýumşak iýmiti girizmek | Düýnki günüň dowamynda gaty, ýarym gaty ýa-da ýumşak iýmit bilen naharlanan 6-8 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 82,3 |
| 2.14 | Eger çaga göwüs bilen emdirilmeýän bolsa, süýt bilen iýmitlendirmegiň ýygylygy | Düýnki günüň dowamynda azyndan iki gezek süýt bilen naharlanan 6-23 aýlyk göwüs bilen emdirilmeýän çagalaryň göterm paýy | 91,0 |
| 2.15 | Iýmitlendirmegiň iň az ýygylygy | Düýnki günüň dowamynda gezekleriň iň az sany ýa-da birden köp gezek gaty, ýarymgaty ýa-da ýumşak iýmit bilen naharlanan 6-23 aýlyk çagalaryň (süýt bilen iýmitlendirmek, eger çaga göwüs bilen emdirilmeýän bolsa) göterim paýy[5] | 92,5 |
| 2.16 | Iň az iýmit köpdürliligi | 4 ýa-da ondan köp iýmit topary bilen naharlanan 6-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy[6] | 85,2 |
| 2.17a<br>2.17b | Iň az makul diýeta | (a) Iň pes azyk iýmitini alan we düýnki günüň dowamynda iň pes ýygylykda iýmitlendirilen, göwüs bilen emdirilýän, 6-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy<br>(b) Azyndan iki gezek süýt bilen naharlanan we iň az azyk iýmiti, süýt bilen iýmitlendirmegi, düýnki günüň dowamynda iýmitlendirmegiň iň az ýygylygyny goşmazdan, göwüs süýdi bilen emdirilmeýän 6-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 73,3<br>82,9 |

[2] Bäbekler, göwüs süýdüni emýän we beýleki islendik suwuklyklary we azyk iýmitleri berilmeýän (peroral regidratasiýa garyndysyndan, witaminlerden, mineral goşundylardan we dermanlardan başga).

[3] Bäbekler, göwüs süýdüni emýän we belli bir suwuklyklary içýän (suw we suwly içgiler, ir-iýmiş şiresi, çaý, peroral regidratasiýa ergini, damjalar, witaminler, minerallar we dermanlar), ýöne başga hiç zat kabul etmedik çagalar (hususan-da ene süýdi däl we azyk önümleriniň esasynda taýýarlanan suwuklyk).

[4] 0–5 aýlyk diňe göwüs süýdüni emýän bäbekler we 6–23 aýlyk göwüs süýdüni emýän hem-de gaty, ýarymgaty we ýumşak iýmitleri iýýän çagalar.

[5] Göwüs süýdüni emýän çagalar: gaty, ýarymgaty we ýumşak iýmitleri iýýän çagalar: iki gezek – 6–8 aýlyk çagalar we üç gezek – 9–23 aýlyk çagalar; göwüs süýdüni emmeýän çagalar: gaty, ýarymgaty ýa-da ýumşak iýmiti ýa-da süýt önümlerini iýýän çagalar: dört gezek – 6–23 aýlyk çagalar.

[6] Görkeziji aşakda görkezilen 7 sany azyk iýmit toparynyň azyndan 4-sini ulanmaga esaslanýar: 1) däneli, köki miweli we miwe, 2) kösük we hoz, 3) süýt önümleri (süýt, ýogurt, peýnir), 4) et iýmiti (et, balyk, guş we bagyr/iç goşy), 5) ýumurtga, 6) A witamine baý bolan miwe we gök önümler, hem-de 7) beýleki miweler we gök önümler.

## Ene süýdi bilen emdirmek we bäbekleri iýmitlendirmek

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 2.18 | Çüýşejikden iýmitlendirmek | Düýnki günüň dowamynda emzikli çüýşejikden naharlanan 0-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 21,8 |

## Duzy ýodlaşdyrmak

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 2.19 | Ýodlaşdyrylan duzy sarp etmek | Millionyň 15 bölegi ýa-da ondan köp ýodidi ýa-da ýodaty bolan öý hojalyklarynyň göterim paýy | 96,7 |

## Doglanda pes agram

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 2.20 | Doglanda agramy pes bolan bäbekler | Soňky iki ýylyň içinde doglanda agramy 2 500 gramdan az agramda diri doglan bäbekleriň göterim paýy | 3,3 |
| 2.21 | Doglanda agramy çekilen bäbekler | Soňky iki ýylda doglanda agramy ölçenen diri doglan bäbekleriň göterim paýy | 99,3 |

# ÇAGALARYŇ SAGLYGY

## Sanjymlar

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 3.1 | | Inçekeseliň garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli BSŽ waksinasyny alan 12-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 99,9 |
| 3.2 | | Poliomiýelitiň garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli Polio sanjymynyň üçinji dozasyny (Polio-3) alan 12-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 97,9 |
| 3.3 | | Gökbogmanyň, difteriýanyň we bürmäniň ((A)GDB) garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli (A)GDB sanjymynyň üç dozasyny ((A)GDB-3) alan 12-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 98,0 |
| 3.4 | **MÖM 4.3** | Gyzamygyň garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Ikinji doglan gününe çenli gyzamygyň garşysyna sanjym alan 24-35 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 99,3 |
| 3.5 | | B gepatitiň garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli B gepatitiň (GepB-3[7]) garşysyna sanjymyň üçünji dozasyny[7] alan 12-23 aýlyk çagalaryň paýy | 98,0 |
| 3.6 | | B (Hib) görnüşli gemofil infeksiýanyň garşysyna sanjymlar bilen gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli Hib sanjymynyň üçünji dozasyny (Hib-3) alan 12-23 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 98,0 |
| 3.8 | | Sanjymlar bilen doly gurşap almak | Birinji doglan gününe çenli (gyzamyk–ikinji doglan gününe çenli) sanjymlaryň, milli senenamasynda maslahatyna görä, ähli[8] sanjymlary alan 24-35 aýlyk çagalaryň göterm paýy | 95,3 |

[7] Milli senenama laýyklykda, GepB-4 degişli, sebäbi Türkmenistanda doglandaky dozasy GepB-1 diýip bellenilýär.
[8] Sanjym bilen doly gurşap almaklyk aşakdakylary öz içine alýar: 12 aýlyga çenli – BSŽ-niň bir sanjym dozasy; Polionyň we GepB-yň dört sanjym dozasy (doglanda bir doza hem-de 1-3 dozalar) we (A)GDB-nyň we Hib-yň üç sanjym dozasy. 24 aýlyga çenli gyzamygyň garşysyna bir sanjym dozasy edilýär (MMR-ň düzüminde).

## 2 grafik: Ömrüniň ilkinji ýylynyň dowamyndaky sanjymlar (gyzamygyň garşysyna–ömrüniň ilkinji iki ýylynyň dowamynda), Türkmenistan, 2015-2016




Bellik: Polio-4 we (A)GDB-4 busterli doza, sanjym bilen doly gurşap almaklyk girizilmedi.

## Içgeçme

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| - | Içgeçmeli (diareýa) çagalar | Soňky iki hepdäniň dowamynda içgeçme bilen kesellän 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 1,9 |
| 3.10 | Içgeçme sebäbi bilen lukmançylyk kömek üçin ýüz tutmak | Soňky iki hepdäniň dowamynda içgeçme bilen kesellän maslahat ýa-da bejergi almak üçin lukmançylyk edaralaryna ýa-da lukmana ýüz tutulan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 51,4 |
| 3.11 | Içgeçmäni peroral regidratasiýa ergini (PRE) we sink bilen bejermek | Soňky iki hepdäniň dowamynda içgeçme bilen kesellän we PRE we sink alan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 6,6 |
| 3.S1[9] | Iýmitlandirmegi dowam etdirmek bilen içgeçmäni peroral regidratasiýa terapiýa (PRT) bilen bejermek[10] | Soňky iki hepdäniň dowamynda içgeçme bilen kesellän we PRT alan (peroral regidratasiýa erginini ýasamak üçin deslapky gaplanan garyndy (PRE) ýa-da uly gowrümde suwuklyk) we içgeçme wagtynda iýmitlenmegi dowam etdiren 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 39,4 |

[9] #.S# belgili görkeziji bu soraşmada MICS5-iň global sowalnamasynyň bölegi bolmadyk ýa-da MICS5-iň global meýilnama tabulýasiýasyna girizilmedik standart däl hasaplamak ýoly arkaly, standart däl modulyň ýa-da soragyň girizilmegi arkaly hasaplanandygyny aňladýar.

[10] Bu MICS 3.12 görkezijisi bilen deňeşdirmek mümkin "bu barlaga häsiýetli bolan görkezij – Peroral regidtrasiýa terapiýasy (PRT) içgeçme döwründe iýmitlendirmegi dowam etdirmek bilen", Türkmenistanda taýýarlanan teklip edilýän suwuklygy hasap etmezden, esasy çemeleşmäniň bir bölegi hökmünde.

## Ýiti respirator ýokanç keselleriň (ÝRÝK) alamaty

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| - | Ýiti respirator ýokanç keselleriniň alamaty bolan çagalar (ÝRÝK) | Soňky iki hepdäniň dowamynda ÝRÝK alamaty bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 0,4 |
| 3.13 | ÝRÝK alamaty bolan çagalara lukmançylyk kömek üçin ýüz tutulmagy | Soňky iki hepdäniň dowamynda ÝRÝK alamaty bolan we olar üçin kömek sorap ýa-da bejergi almak üçin lukmançylyk edaralaryna ýa-da lukmana ýüz tutulan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | (*) |
| 3.14 | ÝRÝK alamaty bolan çagalary antibiotikler bilen bejermek | Soňky iki hepdäniň dowamynda ÝRÝK alamaty bolan we antibiotik alan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | (*) |

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

## Ýangyjyň gaty görnüşini peýdalanmak

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 3.15 | Iýmit taýýarlamak üçin ýangyjyň gaty görnüşini peýdalanmak | Öý hojalyklarynda iýmit taýýarlamak üçin esasy energiýa çeşmesi hökmünde gaty ýangyjy peýdalanýan öý hojalyklarynyň göterim paýy | 0,0 |

## Gyzgynyň ýokary galmagy

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| - | Gyzgyny ýokary çagalar | Soňky iki hepdäniň dowamynda gyzgyny ýokary galan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 5,6 |
| 3.20 | Gyzgynyň ýokary galmagy bilen baglanyşykly ýüz tutmalar | Soňky iki hepdäniň dowamynda gyzgynyň ýokary galmagy bilen baglanyşykly kömek sorap ýa-da bejergi almak üçin lukmançylyk edaralaryna ýa-da lukmana ýüz tutulan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 59,3 |

# SUW ÜPJÜNÇILIGI WE ARASSAÇYLYK

## Suw üpjünçiligi we arassaçylyk

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 4.1 | **MÖM 7.8** | Gowulandyrylan agyz suwy çeşmesiniň ulanylyşy | Gowulandyrylan agyz suwy çeşmesini peýdalanýan öý hojalygynyň agzalarynyň göterim paýy | 82,8 |
| 4.2 | | Suwy arassalamak | Gowulandyrylan agyz suwy çeşmesini ulanýan we suwy arassalamagyň degişli usulyny ulanýan öý hojalygynyň agzalarynyň göterim paýy | 69,2 |
| 4.3 | **MÖM 7.9** | Gowulandyrylan arassaçylygyň elýeterliligi | Beýleki adamlar bilen bilelikde ulanylmaýan, gowulandyrylan arassaçylyk-gigiýena serişdelerini ulanýan öý hojalygynyň agzalarynyň sany | 98,6 |
| 4.4 | | Çaga nejesatyny howpsuz ýere aýyrmak | Soňky nejesaty howpsuz ýere aýrylan 0-2 ýaşdaky çagalaryň göterim paýy | 60,5 |
| 4.5 | | El ýuwmak üçin ýer | El ýuwulýan ýeri, ol ýerde suw we sabyn ýa-da beýleki ýuwujy serişdeleri bar bolan öý hojalyklarynyň göterim paýy | 99,4 |
| 4.6 | | Sabynyň barlygy[11] | Sabyny bar bolan öý hojalyklarynyň göterim paýy | 99,9 |

**3 grafik: Şäher we oba ilatly ýerlerinde gowulandyrylan agyz suwy çeşmesini we arassaçylygy ulanmak, Türkmenistan, 2015-2016**




[11] Görkezijiniň ady standart "MICS 4.6 – Sabynyň ýa-da beýleki ýuwujy serişdäniň barlygy" görkezijiden tapawutlanýar, sebäbi kül, palçyk ýa-da çäge ýaly beýleki ýuwujy serişdeler Türkmenistan üçin ulanyp bolarlykly däl.

# PEPRODUKTIW SAGLYK

## Kontrasepsiýa we kontrasepsiýada talabyň kanagatlanmazlygy

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| - | | Çaga dogluşynyň jemleýji koeffisiýenti | 15-49 ýaşdaky aýallar üçin çaga dogluşynyň jemleýji koeffisiýenti[A] | 3,2 |
| 5.1 | MÖM 5.4 | Ýetginjekleriň arasynda çaga dogluşynyň koeffisiýenti | 15-19 ýaşdaky aýallar üçin çaga dogluşynyň [A] ýaş boýunça koeffisiýenti | 28 |
| 5.2 | | Irki döwürde çaga dogurmak | 18 ýaşa çenli azyndan bir sany diri çaga dogran 20-24 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 1,4 |
| 5.3 | MÖM 5.3 | Konterasepsiýanyň giňden ýaýraýyş derejesi | Bellige alnan (alynmadyk) nikada durýan we kontrasepsiýa usullaryndan peýdalanýan (ýa-da ýoldaşy ulanýan) (häzirki zaman ýa-da adaty usul) 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 50,2 |
| 5.4 | MÖM 5.6 | Kontrasepsiýada talabyň kanagatlanmazlygy | Häzirki wagtda bellige alnan (alynmadyk) nikada durýan we çaga dogurmaga ukyply hem-de indiki çagany dogurmaga howlukmaýan ýa-da bar bolan çagalary bilen oňmagy niýetleýän, ýöne häzirki wagtda kontrasepsiýanyň haýsydyr bir usulyndan peýdalanmaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 12,1 |

[A] Çaga dogluşynyň ýaş topary boýunça koeffisiýenti ozalky geçirilen barlagyň üç ýylynyň dowamynda belli bir topardaky aýallaryň diri dogran çagalarynyň sany 1 000 sany aýala hasaplananda, şol döwür üçin şu topardaky aýallaryň ortaça sanynyň gatnaşygy hökmünde kesgitlenýär. 15-49 ýaşdaky aýallaryň arasynda çaga dogluşynyň ýaş koeffisiýenti, şeýle hem ýetginjekleriň arasynda çaga dogluşynyň koeffisiýenti bolup durýar.

Çaga dogluşynyň jemleýji koeffisiýenti (ÇDJK) 15-49 ýaşdaky aýallaryň bäşýyllyk ýaş toparlary boýunça hasaplanan, çaga dogluşynyň ýaş koeffisiýentini goşmak ýoly arkaly hasaplanylýar, ÇDJK bir aýalyň öz reproduktiw döwrüň dowamynda (50 ýaşa çenli), çaga dogluşynyň häzirki derejesi saklanan halatynda, dogrup biljek çagalarynyň ortaça sanyny aňladýar.

## 4 grafik: Kontrasepsiýadan peýdalanmak, Türkmenistan, 2015-2016




| Häzirki zaman usuly | 47,1 |
|---|---|
| Zenanlaryň sterilizasiýasy | 0,3 |
| Erkekleriň sterilizasiýasy | 0,1 |
| Ýatgynyň içine goýulýan spiral | 44,0 |
| Sanjymlar | 0,3 |
| Tabletkalar | 1,0 |
| Erkekleriň prezerwatiwi | 1,5 |

| Däp bolan usul | 3,1 |
|---|---|
| Döwürleýin saklanmak | 0,5 |
| Jyns gatnaşygynyň arasyny kesn | 2,6 |
| Beýleki | 0,0 |

| Islendik usul | 50,2 |
|---|---|

| Hiç hili usuly ulanmaýar | 49,8 |
|---|---|

## Enäniň we täze doglan bäbegiň saglygy

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 5.5a<br>5.5b | **MÖM 5.5**<br>**MÖM 5.5** | Dogruma çenli gözegçilik | Soňky iki ýylda diri çaga dogran, soňky göwrelilik wagtynda gözegçilikde bolan we dogrumy diri çaga dogurmak bilen tamamlanan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy:<br>(a) azyndan bir gezek hünärli lukman işgärleri tarapyndan gözegçilik edilen;<br>(b) azyndan dört gezek islendik lukman işgärleri tarapyndan gözegçilik edilen. | <br><br>99,9<br><br>96,4 |
| 5.6 | | Dogruma çenli gözegçiligiň mazmuny | Soňky iki ýylyň dowamynda diri çaga dogran we soňky göwreliligi diri çaga dogurmak bilen tamamlanan, göwrelilik döwründe gan basyşy ölçenen, seljerme geçirmek üçin peşewi we gany alnan 15-49 ýaşdaky alýallaryň göterim paýy | 99,4 |
| 5.S1 | | Dogruma çenli gözegçilik (USB-ni goşmak bilen) | Soňky iki ýylyň dowamynda diri çaga dogran we soňky göwreliligi diri çaga dogurmak bilen tamamlanan, göwrelilik döwründe gan basyşy ölçenen, seljerme geçirmek üçin peşewi we gany alnan hem-de USB geçirilen 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 97,9 |
| 5.7 | **MÖM 5.2** | Hünärli lukman işgärleriniň gatnaşmagynda dogrum | Soňky iki ýylda diri çaga dogran, hünärli lukman işgärleriniň gatnaşmagynda soňky dogrumy diri çaga dogurmak bilen tamamlanan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 100,0 |
| 5.8 | | Lukmançylyk edaralarynda kabul edilen dogrum | Soňky iki ýylda diri çaga dogran, soňky dogrumy lukmançylyk edrasynda bolan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 99,5 |
| 5.9 | | Kesarew kesimi arkaly dogrum | Soňky iki ýylda soňky dogrumy kesarew kesimi esasynda bolan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 6,3 |

## Dogrumdan soňky gözegçilik

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 5.10 | Dogrumdan soň lukmançylyk edarasynda bolmak | Soňky iki ýylda diri çaga dogrup, dogrumdan soň 12 sagat we ondan köp lukmançylyk edrasynda galan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 99,8 |
| 5.11 | Täze doglan bäbegiň ýagdaýyna dogrumdan soňky gözegçilik | Soňky iki ýylda saglyk ýagdaýy saglygy goraýyş edrasynda ýa-da öýde barlanan ýa-da dogrumdan soň birinji iki günüň dowamynda gözegçilik edilen, iň soňky we diri doglan bäbekleriň göterim paýy | 99,8 |
| 5.12 | Enäniň dogrumdan soňky saglyk ýagdaýyna gözegçilik | Saglygy goraýyş edarasyna gelen wagtyndan ýagdaýyna gözegçilik edilen ýa-da dogrumdan soň öýde gözegçilik edilen ýa-da soňky iki ýylda soňky dogrumda diri çaga dograndan soň birinji iki günüň dowamynda gözegçilik edilen 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 99,8 |

# ÇAGALARYŇ ÖSÜŞI

## Çagalaryň ösüşi

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 6.1 | Irki ýaşda çagalaryň okuw programmasyna gatnaşmagy | Irki ýaşda haýsy bir okuw programmasyna gatnaşýan 36-59 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 42,8 |
| 6.2 | Okuwy goldamak | Maşgalanyň uly ýaşly agzalary soňky üç günde okuwa ýa-da mekdebe taýýarlyga ýardam edýän dört we ondan gowrak işleriň görnüşlerine gatnaşan 35-59 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 94,4 |
| 6.3 | Kakasy tarapyndan okuwda goldaw berilmegi | Biologik kakasy tarapyndan soňky üç günde okuwa ýa-da mekdebe taýýarlyga ýardam edýän dört we ondan gowrak işleriň görnüşlerine gatnaşan 35-59 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 14,8 |
| 6.4 | Okuwy ejesi tarapdan goldamak | Biologik ejesi tarapyndan soňky üç günde okuwa ýa-da mekdebe taýýarlyga ýardam edýän dört we ondan gowrak işleriň görnüşlerine gatnaşan 35-59 aýlyk çagalaryň göterim paýy | 80,6 |
| 6.5 | Çagalar üçin kitaplaryň barlygy | Üç we üçden artyk çagalar üçin kitaby bar bolan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 48,0 |
| 6.6 | Oýun üçin predmetleriň barlygy | Oýun üçin iki we ikiden artyk predmetler bilen oýnaýan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 53,0 |
| 6.7 | Kemter gözegçilik | Soňky hepdäniň dowamynda iň bolmanda bir gezek ýeke özi öýde galan ýa-da bir sagatdan gowrak 10 ýaşa çenli çaganyň gözegçiliginde galan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 0,8 |
| 6.8 | Irki ýaşda çagalaryň ösüşiniň indeksi | Görkezilen dört sany ugruň: okamak we sanamak endigi, fiziki, sosial-emosional we akyl ýetirmek taýdan ösmek öz ýaşyna laýyklykda iň bolmanda azyndan üç sanysyndan ösüşi bolan 36-59 aýlyk çagalaryň göterim paýy. | 90,9 |

# SOWATLYLYK WE BILIM

## Sowatlylykwe bilim[12, A]

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 7.1 | **MÖM 2.3** | Ýaş aýallaryň arasynda sowatlylyk derejesi | Gündelik durmuş barada gysgajyk ýönekeý sözlemleri okap bilýän ýa-da orta okuw mekdebine ýa-da bilimiň ýokarrak mekdebine gatnan 15-24 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 99,6 |
| 7.2 | | Mekdebe barmaga taýýarlyk | Geçen ýylda mekdebe çenli bilim edarasyna gatnan başlangyç mekdebiň birinji synpyna gatnaýan okuwçylaryň göterim paýy | 44,1 |
| 7.3 | | Başlangyç bilimde tolamagyň arassa koeffisiýenti | Başlangyç mekdebiň birinji synpyna okuwa gidýän ýaşdaky çagalaryň göterim paýy[13] | 94,2 |
| 7.4 | **MÖM 2.1** | Başlangyç mekdebe[A] gatnamagyň arassa koeffisiýenti (düzedilen) | Häzirki wagtda başlangyç ýa-da orta mekdebe gatnaýan orta mekdep ýaşyndaky çagalaryň göterim paýy | 98,1 |
| 7.5 | | Orta mekdebe[B] gatnamagyň arassa koeffisiýenti (düzedilen) | Häzirki wagtda orta mekdebe ýa-da bilimiň ýokarrak derejesine gatnaýan orta mekdep ýaşyndaky çagalaryň göterim paýy | 98,4 |
| 7.6 | **MÖM 2.2** | Başlangyç mekdebiň soňky synpyna çenli okan çagalar | Başlangyç mekdebiň birinji synpyna baryp: başlangyç mekdebiň soňky synpyna çenli okan çagalaryň göterim paýy | 100,0 |
| 7.7 | | Başlangyç mekdebi tamamlamagyň koeffisiýenti | Başlangyç mekdebiň soňky synpyna gatnaýan çagalaryň sany (ikinji ýyla galdyrylanlardan başga), başlangyç mekdebiň soňky synpyny tamamlaýan çagalaryň sanyna paýlanan (ýaşy başlangyç mekdebiň soňky synpyna laýyk) | 102,8 |
| 7.8 | | Orta mekdep derejesine geçmegiň koeffisiýenti | Geçen ýylda başlangyç mekdebiň soňky synpyna gatnan, häzirki okuw ýylynda orta mekdebiň birinji synpyna gatnaýan çagalaryň sany,geçen okuw ýylynda başlangyç mekdebiň soňky synpyna gatnan çagalaryň sanyna bölünen | 99,8 |
| 7.9 | **MÖM 3.1** | Jynslaryň gatnaşygynyň indeksi (başlangyç mekdep) | Gyzlar üçin başlangyç mekdebe gatnamagyň arassa koeffisiýenti (düzedilen), oglanlar üçin başlangyç mekdebe gatnamagyň arassa koeffisiýentine bölünen (düzedilen) | 0,99 |
| 7.10 | **MÖM 3.1** | Jynslaryň gatnaşygynyň indeksi (orta mekdep) | Gyzlar üçin orta mekdebe gatnamagyň arassa koeffisiýenti (düzedilen), oglanlar üçin mekdebe gatnamagyň arassa koeffisiýentine bölünen (düzedilen). | 1,00 |

[A] Maglumatlar 2015/2016-njy okuw ýyllarynda ýygnalyndy.
[B] Başlangyç mekdep 1-3 synplary öz içine alýar.
[C] Orta mekdep 4-11 synplary öz içine alýar.

[12] Bulary ulanmak mümkin bolan halatynda, bilimiň görkezijileri mekdebiň gatnaşygy hakynda habar berlen maglumatlara esaslanýar (okuw ýylynyň dowamynda islendik wagtda), okuwa kabul edilenleriň görkezijisi hökmünde seredilýär.

[13] 2013-nji ýylyň 4-nji maýyndaky Türkmenistanyň "Bilim hakynda" kanunyna laýyklykda, 2013/2014-nji okuw ýylyndan başlap mekdepde okuwa başlamak 6 ýaşda başlanýar (ozal 7 ýaş bolupdy). Bu görkeziji hasaplananda 21 maddanyň 3 bendine laýyklykda, çagalaryň mekdebe öz wagtynda gidişlerini bellige almak maksady bilen çagalaryň ýaşy doglan ýylynyň esasynda hasaplanyldy (aýyny hasaba almazdan).

# 5 grafik: Jynsy boýunça bölünende bilim görkezijeleri,Türkmenistan, 2015-2016




Bellik: Görkezijileriň hemmesi göterimde görkezilýär.

# ÇAGALARY GORAMAK

## Dogluşy bellige almak

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 8.1 | Dogluşy bellige almak | Habar berlişi ýaly dogluşy bellige alnan 5 ýaşa çenli çagalaryň göterim paýy | 99,6 |

## Çaga zähmeti

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 8.2 | Çaga zähmeti | Çaga zähmetine çekilen 5-17 ýaşdaky çagalaryň göterim paýy[14] | 0,3 |

## Ir baglaşylan nika

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 8.4 | 15 ýaşa çenli nika baglaşmak | 15 ýaşy dolmanka ilkinji gezek bellige alnan (alynmadyk) nika baglaşan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 0,2 |
| 8.5 | 18 ýaşa çenli nika baglaşmak | 18 ýaşy dolmanka ilkinji gezek bellige alnan (alynmadyk) nika baglaşan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 5,9 |
| 8.6 | Häzirki wagtda bellige alnan (alynmadyk) nikada durýan 15-19 ýaşdaky ýaş aýallar | Häzirki wagtda bellige alnan (alynmadyk) nikada durýan 15-19 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 6,0 |
| 8.8a<br>8.8b | Är-aýalyň arasyndaky ýaş tapawudy | Häzirki wagtda bellige alnan (alynmadyk) nikada duran we äri özünden 10 ýaş we ondan hem uly bolan aýallaryň göterim paýy:<br>(a) 15-19 ýaşdaky aýallaryň arasynda,<br>(b) 20-24 ýaşdaky aýallaryň arasynda | <br><br>3,3<br>2,7 |

[14] Çaga zähmetine çekilen çagalar diýip kesgitlenilýär: ýaş çäklendirmesiniň ýokarky çaginden çykýan hojalyk işlerine çekilen çagalar; ýaş çäklendirmesiniň ýokarky çaginden çykýan öý hojalygynyň borçlaryna çekilen çagalar; we howply işlere çekilen çagalar.

## Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 8.12 | Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş | Aşakdaky sebäpleriň iň bolmanda biri boýunça äriniň öz aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasaplaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy: (1) eger aýaly adamsyna aýtman öýden daşary çykan bolsa, (2) eger aýaly çagalary barada alada etmeýän bolsa, (3) eger aýaly adamsyna dil gaýtarsa, (4) eger aýaly äri bilen jynsy gatnaşyk etmekden boýun gaçyrsa, (5) eger aýaly nahary ýaksa | 26,3 |
| 8.S1 | Öýde güýç ulanylmagyna bolan garaýyş (goşmaça ýagdaýlary goşmak bilen) | Aşakdaky sebäpleriň iň bolmanda biri boýunça äriniň öz aýalyny urmaga ýa-da ýençmäge haky bar diýip hasaplaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy: (1) eger aýaly adamsyna aýtman öýden daşary çykan bolsa, (2) eger aýaly çagalary barada alada etmeýän bolsa, (3) eger aýaly adamsyna dil gaýtarsa, (4) eger aýaly äri bilen jynsy gatnaşyk etmekden boýun gaçyrsa, (5) eger aýaly nahary ýaksa,(6) eger oz adamsynyň ene-atasyny sylamaýan bolsa | 35,0 |

## Çagalaryň ýaşaýyş şerti

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 8.13 | Çagalaryň ýaşaýyş şerti | Öz biologik ene-atasynyň hiç biri bilen ýaşamaýan 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterim paýy | 1,2 |
| 8.14 | Ene-atasynyň biri ýa-da ikisi hem ölen çagalaryň paýy | Biologik ene-atasynyň biri ýa-da ikisi hem ölen 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterim paýy | 3,5 |
| 8.15 | Azyndan ene-atasynyň biri daşary ýurtlarda ýaşaýan çagalar | Azyndan biologik ene-atasynyň biri daşary ýurtlarda ýaşaýan 0-17 ýaşdaky çagalaryň göterim paýy | 0,9 |

# AIW/SPID

## AIW/SPID barada habardarlyk we gatnaşyk

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| - | | SPID barada eşidenleriň paýy | SPID barada eşiden 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim hasaby | 80,7 |
| 9.1 | **MÖM 6.3** | AIW-den goranmak hakynda düşünjesi bar bolan ýaş aýallar | Jyns gatnaşygy arkaly[15] geçýän AIW-den goranmagyň usullaryny dogry aýtmagy we AIW-iň geçmegi barada has giň ýaýran ýalňyş pikiri ýalana çykarmagy başarýan[16] 15-24 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 25,4 |
| 9.2 | | Eneden çaga AIW-iň geçmegi barada düşünjesi barlar | Eneden çaga AIW-iň geçiş usulynyň üçüsini[17] hem dogry aýtmagy başaran 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 65,3 |
| 9.3 | | AIW/SPID-i bar bolan adamlara tolerant gatnaşygy | AIW keseli[18] bilen ýaşaýan adamlara ähli 4 sorag boýunça tolerant gatnaşygyny bildirýän 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 1,0 |

## AIW barlagynyň testi

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 9.4 | AIW-iň testinden nirede geçmelidigini bilýän aýallar | AIW-iň testinden nirede geçmelidigini bilýändigini tassyklaýan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 64,1 |
| 9.5 | AIW-iň testinden geçen we onuň netijesini alan aýallar | Soňky 12 aýyň dowamynda AIW-iň testinden geçen we onuň netijesini alan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 10,3 |
| 9.7 | Dogruma çenli gözegçilik döwründe AIW maslahaty bilen gurşap almak | Soňky iki ýylda diri çaga dogran, göwrelilik döwründe hünärli lukman işgärleriniň gözegçiliginde bolan we ýakyň wagtda çaga dogran hem-de dogruma çenli gözegçilik döwründe AIW-maslahatyny alan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 74,6 |
| 9.8 | Dogruma çenli gözegçilik döwründe AIW-maslahaty bilen gurşap almak | Soňky iki ýylda diri çaga dogran we dogruma çenli gözegçilikde olara AIW-iň testini geçmeklik hödürlenen we razylçylygyny beren hem-de onuň netijesini alan 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 55,6 |

## Ýetimler

| MICS görkezijisi | | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|---|
| 9.16 | **MÖM 6.4** | Ýetimler mekdebine gatnaýanlaryň ýetim dälleriň mekdebine gatnaýanlara bolan gatnaşygy | Ene-atalary diri we ene-atasynyň biri ýa-da ikisi bilen bile ýaşaýan 10-14 ýaşdaky mekdebe gatnaýan çagalar bilen ene-atasynyň ikisini hem ýitiren 10-14 ýaşdaky çagalaryň bölünen paýy | (*) |

(*) Görkezijiler 25-den az bolan ölçelmedik gözegçiliklere esaslanýar.

[15] Prezerwatiwleri ulanmak we infeksiýasy bolmadyk bir sany ynamdar jyns hyzmatdaşynyň bar bolmagy.

[16] Görkeziji hasaplananda AIW-iň ýokuşmagyna degişli iki sany has giň ýaýran nädogry düşünje şu barlagyň netijeleri boýunça kesgitlenildi we AIW-iň ýokuşmagy boýunça indikator hasaplamasyna girizildi: i) çybyn çakmagy netijesinde we ii) AIW keselli adam bilen ogşaşylanda.

[17] Göwrelilik, dogrum we göwüsden iýmitlendirş mahalynda geçişi.

[18] AIW-infeksiýaly, ýöne SPID bilen keselli bolmadyk mugallyma mekdepde işlemäge rugsat bermeli diýip hasaplaýan adamlar (1), AIW-infeksiýaly satyjydan ter gök önümleri satyn alanlar (2), eger maşgala agzalarynyň haýsydyr biri AIW-infeksiýasy bilen kesellese ýaşyryn saklamajaklar (3) we SPID bilen kesellän maşgala agzalaryna ideg etmäge taýynlar (4).

# KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR BERIŞ SERIŞDELERINIŇ WE MAGLUMAT/KOMMUNIKASIÝA SERIŞDELERI TEHNOLOGIÝASYNYŇ ELÝETERLILIGI

## Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň elýeterliligi

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 10.1 | Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň elýeterliligi | Azyndan hepdede bir gezek gazet ýa-da zurnal okaýan, radio diňleýän we telewizora tomaşa edýän 15-49 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 20,7 |

## Maglumat/kommunikasiýa serişdeleri tehnologiýasyndan peýdalanmak

| MICS görkezijisi | Görkezijiniň ady | Beýany | Möçberi |
|---|---|---|---|
| 10.2 | Kompýuterden peýdalanmak | Soňky 12 aýda kompýuterden peýdalanan 15-24 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 57,5 |
| 10.3 | Internetden peýdalanmak | Soňky 12 aýda Internetden peýdalanan 15-24 ýaşdaky aýallaryň göterim paýy | 39,3 |